# Müftülikde bolan jynsy zorluk

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Müftülikde bolan jynsy zorluk

MÜFTÜLIKDE BOLAN JYNSY ZORLUK

Çorumyñ Kargy ilçesi eýýäm birnäçe aý bäri müftülikde bolup geçen jynsy zorlugy dilinden düşürenok. Jebir çeken ýaş gyz häzir 24 ýaşyna giren K.T. diýen biri.
K.T.-nyñ aýtmagyna görä…
Ol entek başlangyç mekdepde okap ýörkä, ejesi ikinji gezek äre çykyp, Ý obasyna göçdi. Ýatymlaýyn okuwa berlen K.T. kanikul günlerinde ejesiniñ ýaşaýan obasyna gelerdi.
Häzirki wagt kakalygynyñ körekeni bolan H.B.A.-nyñ öýünde onuñ çagalary bilen oýnap wagtyny geçirýärdi. Şindi 42 ýaşan we Kargy müftüliginde sürüji bolup işleýän H.B.A. öýe gelende bet niýeti oýanyp, K.T.-a göz gyzdyrmaga başlady.
Betpäl ýaşajyk gyzjagazy zorlama ýaly ile-güne sygmajak gabahatlygyny dagda, tokaýda, oba ýollarynda, boş jaýlarda we gulaklaryñyza ynanmarsyñyz oba arçynlygynyñ binasynyñ içindäki müftüligiñ arhiw otagynda-da dowam etdi.
K.T. prokuraturada beren görkezmesinde şulary aýtdy:
“Meniñ bilmedik, düşünmedik, etmek üçin ýaşymyñ ýetmeýän jynsy gatnaşyklary maña werziş etdirdi. Öýünde, Kargy müftüliginde, dagda, tokaýlykda, öýüñ golaýyndaky boş hütdük jaýda jynsy ýakynlyk edýärdi. Maña on ýaşymdan bäri ýanaşyp geldi. Men ony kakam ýaly görýärdim. Olam meniñ bu ýakynlygymy we sylag-hormatymy öz bet niýetlerine çolaşdyrdy.”

- **SES ÝAZGYSY ORTA ÇYKDY WELIN…**

K.T. jynsy zorlugyñ liseýde we uniwersitetde okap ýörkä-de dowam edendini, munuñ üçin öz janyna kast etmähe synanşandygyny, ejesiniñ maşgalasy bozulmasyn diýip arz etmändigini aýtdy. Hatda K.T yzygiderli zorlukly gatnaşyga uçraýandygy üçin jynsy synalarynyñ ösüşi-de üýtgäpdir.

Ýaş gyz H.B.A. bilen aralaryndaky gürrüňiň ses ýazgysyny prokuratura subutnama hökmünde görkezdi. H.B.A. ses ýazgysynyň orta çykanyna “Özüme erk edip bilmedim” diýdi.
Geçen 7-nji maýda tussag astyna alan H.B.A. çagany zorluk ulanyp jynsy gatnaşyga itermek we ony azatlygyndan bikanun mahrum etme ýaly etmişleri etmekde aýyplap, aýyplaw işini açdy.
Aýyplaw işinde şeýle setirler bar:

“Ses ýazgylary diňlenende, jebir çeken bilen güman edilýäniň arasynda jynsy gatnaşugyň bolandygyň görnetindigi, ýanaşygyň haçan başlandygy boýunça şübhelenmäni jebir çekeniň gürleşýän wagtynda geçmişde başyndan geçiren tejribesinden söz açyp we güman edilýäniňem inkär etmän ortadan aýrandygy…”

K.T.-niň jynsy zorluga uçran otagyny suratlandyran “Hökümet binasynyň içindäki müftüligiň arhiwiniň ýerleşen gatyny we ýerini jikme-jik gürrüň berendigi, görkezilen otagyň herkes tarapyndan tapyp boljak ýerde däldigi” aýdyldy.

- **MÜFTINIŇ WEKILI-DE BAR**

Hususanam, K.T. Kargy müftisiniň wekili bolup işlän F.K.-niň hem H.B.A bilen aralaryndaky gatnaşygy bilip, özüne ýakynlaşandygyny aýtdy. K.T. munuň bilenem 2014-2015-nji ýyllarda müftülikde telim gezek jynsy gatnaşykda bolandygyny aýtdy. Emma özi razy bolup ýanaşandygy üçin F.K.-ni jogapkärçilige çekip bolmady.
Kargydaky jynsy zorluk skandalyndan soň arçynlyk derejesinde adminstratiw jogapkärçilik işi açyldy. Iş toplumy boýunça Kargy müftisi Mahmut Uluşahanyň hem görkezmesi alyndy.
Uluşahan 17-nji aprelde beren düşündirişinde şulary ýazdy:

“Biz – dine wekilçilik we teblig eden guramanyň meýletinçileri. Biziň ak gar ýaly sarygymyz, şübhämiz tegmili kabul etmez. Oba ymamlarymyz "Vefa" haýyr-sahawat toparynda halka hyzmat etmek üçin bazara gelip-gidýärler. Gynansak-da, bu ýakymsyz wakadan soň başymyz ýere egildi. Adamlaryň içine

çykyp, ýüzlerine sereder ýaly halymyz galmady.
Bazarda bir ymamymyza 10-15 metr daşlykdan gaty ses bilen "Mollam, müftilikde nämeler bolup-geçýär?" diýip, ýaňsylaýjy terzde gygyrypdyrlar. Ýene bir işgärimize "Mollam, siz "Vefa" haýyr-sahawat topary üçin işleýärsiňiz, emma ýoldaşlaryňyz sizi masgara etdi, bar eden azabyňyz puja çykdy" diýipdirler.
Ilçäniň baş metjidinde bir jynaza namazynda ymam ýoldaşymyz "Hatarlaryňyzy gönüläň, muhterem jemagat" diýende, yzdan bir ses "Hatarlaryňyzy gönüläň, yzyňyza bek duruň, ymamlaryň näme etjegi belli däl, bulara ynanyp bolmaz" diýipdir.
Ýaňy tanap, öwrenşip başlamaga başlan ilçämde nijeme gowy arzuw-hyýallarym, ýagşy etsem-petsemlerim bardy. Wagyzlarymam gowy görüp diňleýärdiler. Emma indi başymyz ýere egildi, münbere çykarlyk ýüzümiz galmady. Sagdan-çepden gep sokýan ildeşlerimiziň garşysynda hemme ymamlarymyza sabyrly we sowukganly bolmalaryny maslahat berýärin.
Diniň, dini işler ministrliginiň, müftiligiň we ymamlarymyzyň at-abraýyny, ygtybaryny goramak üçin bubgara tegmil haýal etmezden aýrylae diýip umyt edýärin. Guramamyza bu gabahatlygyň ýokmajagyna we munuň bilen hiç hili ylalaşmajagyna şek-şübhäm ýok.
Wekilçiligimize we tebilg wezipämize dowam edip, peýdaly işlere ýardam etmegimiz we bu gep-gybatdan halas bolmagymyz üçin F.K.-dyr H.B.A.-nyň işiniň ilçeden başga ýere geçirilse maksada laýyk bolar diýip hasaplaýaryn.”
Adminstratiw işiň netijesinde H.B.A. we F.K. göz astyna alyndy. F.K.-niň işi başga etraba geçirildi.

Ysmaýyl SAÝMAZ.

"Sözcü" gazeti, 08.11.2020 ý.

Jemgyýetçilik tankydy